# Ýagyşly günüñ aýdymy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýagyşly günüñ aýdymy ÝAGYŞLY GÜNÜÑ AÝDYMY



Asman, aglaýaňmy?
Näme sebäpden:
Gözyaşlaň şeýlekin sowuk hem maýda,
Adamlaň bolşuny göwnüňe alyp,
Ýüreklerin ýuwjak bolýaňmy, aýda?!
Hany, şeýle bolaýsady hakykat:
Ýagyşlar ýuwsady ynsaplaň kirin
Çisňäp-çisňäp, günde ýagsady ýagyş:
Ynsanam asman deý kylardy zikrin.

Asman deýin gujaklardy dünýäni,
Çoýardy her gülün, her bir ynsanyn
Gögüň gözýaşyndan gözlerin nemläp,
Ýuwjak bolmazdy ol çaňlan ynsabyn.

Asman deýin açyk göwün bolardy,
Hydyr deýin jadyly hem gezende.
Ynsan öz hikmetin açar ahyry:

Nebsini depgiläp, ýagşa ezende.

Agla asman, agla, päkle dünýäni
Azan sesi deýin päklige çagyr:
Eý ýürek sen nämä dymýarsyň ahyr:
Dertdeşine bak-da kesil hem bagyr!

Asmanam, şahyram ýürekdeş eken
Ikise-de yşka bagryny ýakan,
Wezipesi olaň: güller ekmeklik
Kalplaryň düzünde bitende diken.

Bibigül ÝAGŞYMÄDOWA. Goşgular